# Owgan nakyllary

Category: Kitapcy,Sözler
написано kitapcy | 21 января, 2025
Owgan nakyllary

OWGAN NAKYLLARY

– Ejesi nähili ~ gyzy-da şonuñ ýaly.

– Sygryñ yzyndan hemişe gölesi ýöreýär.

– Gowy gyz gowy eje bolar.

– Garyndaş öýkelese-de, senden ýüzüni sowmaz.

– Ejeñi, uýañy, doganlaryñy garañkyda hem tanarsyñ.

– Mynasyp dogan uýasyna penadyr.

– Daýzañ ýarym ejeñdir.

– Her guşuñ öz höwürtgesi bar.

– Ilkinji nobatda garyndaşlaryñ bilen sypaýy bol.

– Owlak geçiniñ ýanynda ýatar.

– Öýlenmek añsat, durmuş gurmak kyn.

– Eger atañ öweý ene getirse, onuñ özem öweý ata bolar.

– Ogluna garap, atasyna baha berýärler.

– Kölege her bir adamyñ hemrasydyr.

– Näletkerde ogul üçin atasy ýazgarylýar.

– Obañy ýatdan çykarsañ-da, däbiñi ýitirme.

Sözler